# Mazarystanlykda ýazylan goşgy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Mazarystanlykda ýazylan goşgy MAZARYSTANLYKDA ÝAZYLAN GOŞGY

Dehistan düzünde, Maşat atada,
Pikirlerim geçmiş sary at salýar.
Ýañlanyp dur ýere siñen arzuwlar,
Ak sakgal atalar ör boýa galýar.

Dyzyma çökeýin, togap edeýin,
Gan siñse-de, gargyş siñmedik toprak.
Ýüregim syzyp dur sessiz agyñy,
Eneler diñende diñmedik toprak.

Ýagşy kişi diýip güwä geçerler,
Bu ýere getirse iñ soñky ýoly.
Dirilikde ýagşy boljak bolawer,
Obadaşlañ tañryn aldamaz ýaly.

Goýunly GARAJAÝEW.

«Balkan» gazeti, 1992 ý. Goşgular